# «Blue baby» oýnunyñ howpy

Category: Kitapcy,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Blue baby" oýnunyñ howpy "BLUE BABY" ("MAWY BÄBEK") OÝNUNYÑ HOWPY




Internetde ölüme iterýän howply oýunlar ýene bir täze oýnuñ çykmagy bilen üns merkezine düşdi. "Mawy balinadan" soñ "Momo", "Mariam" ýaly howply internet oýunlary satuwa çykarlypdy. Şindi bolsa çagalar üçin iññän howply bolan "Blue baby" ("Mawy bäbek") oýny orta çykdy. Hünärmenler bu oýnuñ çaltlyk bilen ýaýraýandygyna ünsi çekip, "Hakyky illýuziýa we gipnoz. Mundan beýläk sosial mediýa arkaly çagalar munuñ bendisine öwrülýär" diýdiler.
Birnäçe ýyl öñ orta çykandan bäri dünýä boýunça birgiden öz janyna kast etme wakalaryna sebäpkär hökmünde görkezilen "Mawy balina" oýny diñe Türkiýeden 142 ýaş oglan-gyzyñ ölümine sebäp boldy.
Çagalar üçin howply hasaplanýan oýunlaryñ hataryna täzesi gelip goşuldy. Bir hammamda bolup geçýän "Mawy bäbek" oýny çagalara gorkuly pursatlary döredip, ölüme iterip bilýär. Oýun dünýäniñ birnäçe ýerinde çagalara ýiti täsir etdi.

**■ "Blue baby" oýny nähili oýnalýar?**

Eýýämden oýnun abyny-tabyny alan çagalaryñ aýtmagyna görä, oýun bir rowaýat esasynda gurnalan. Rowaýata görä, hammamyñ gapysyny ýapyp, penjiräniñ öñünde eliñizde bäbek bar ýaly hallanladyp, “baby blue, blue baby” diýýärsiñiz.
Muny 14-15 gezek gaýtalanyñyzdan soñ, özüñuzi eliñizde bäbek

bar ýaly duýmaga başlaýarsyňyz. Eliňizdäki göze görünmeýän bäbek biraz wagtdan soň ösgün dyrnaklaryny siziň goluňyza batyrýar. Eger bäbegi zyňyp gaçmasaňyz, onuň ejesi "bäbegimi maňa ber!" diýip gygyrýar.

## ■ Näme üçin çagalar üçin howply?

Oýundan dek şo pursatda çykmaýan çagalaryň akyl saglygynda düýpli problemalar orta çykyp bilýär. Bu oýun "Jonatan Kalindo" atly oýnuň çäginde buýruk hökmünde berilýär we aňyny elden aldyran oýunçynyň bulary ýerine ýetirmegi talap edilýär.
"Jonatan Galindo" oýny Facebook Messengerden hat ýazyşma arkaly oýnalýar. "Momo" oýnunda bolşy ýaly, siziň ýazyşýan kişiňiz siz barada käbir maglumatlardan habarly. Töweregiňdäki käbir duran zatlary size aýdýar, soňabaka kiber diýdimzorluga ýüz urýar. Ses effektleri goýberlip, oýunçy zol-zol tisginip durar ýaly edilýär. Gysga pursatlyk wideo epizodlar goýberilýär. Şular ýaly usullar bilen çagalar gorkuzylýar.

## ■ "Blue baby" oýnunyň adam aňyna ýaramaz täsiri bar

Sosial mediýa boýunça hünärmenler internetde "Blue baby" oýun programmasynyň beýleki oýunlardan tapawutlylykda has çalt we giňden ýaýraýandygyny aýdýarlar. "Blue baby" oýny gaty bir täzeligem däl. Ol öňdenem bar bolan, emma häzir üns merkezine giren oýun. Ol sosial mediýa arkaly adamyň beýnisini "amigdala" diýilýän gaýgy-ünjä we gorka iterip, ses, keşp we multimediýa ýaly ýardam beriji serişdeler arkaly ýiti täsir edýär.
Sosial mediýa häzirki wagtda şular ýaly tapgyrlaýyn howply oýunlary dolanşyga girizmekde diýseň amatly serişdä öwrüldi.
"Mawy balina", "Momo", "Mawy bäbek" ýaly sanly (sifrowoý) illýuzion esasly oýunlara garşy ene-atalar ätiýaçly bolup, gelejegimiziň umydy bolan bala-çagalarymyzy mundan uzak tutsalar gowy bolardy. Bular ýaly oýunlarda deň-duş dost-ýar faktory ilkinji üns bermeli zatlaryň biri bolup öňe çykýar. Ýetişip gelýän çagalarymyzyň tirkeşýän ýa-da basdaş deň-duşlary biri-birlerine özlerini görkezjek bolup azara galmaga

ýaltanmaýarlar. Şonuň üçin çagalar özleri-de bilmezden öňe saýlanma, götergilenme, bäsdeşlik duýgularyna özlerini aldyryp, tapgyrlaýyn ýagdaýda howply internet oýunlarynyň toruna düşýärler.

## ■ Tapgyrlaýyn howply oýunlar

"Blue baby" oýnunda çagalar ýuwaşlyk bilen gorkuzylýar. Bu 12-15 ýaş aralygyndaky çagalar üçin hasam täsirli.
Mundan öň "Mawy balina" WhatsApp arkaly ýaýran bolsa, "Blue baby" häzir TikTok, Facebook, Messenger we Instagram arkaly giňden ýaýrady. Bu oýun "Jonatan Galindo" atly galp hasapdan ýaýran programma.
Çagalar belli bir wagtdan soň oýnuň dowamynda özlerine näme buýruk berilse, şonu-da ýerine ýetirýärler. Hünärmenler şonuň üçin oňa "tapgyrlaýyn howply oýunlar" adyny berdiler.
"Blue baby" oýny goluňa ownuk şikesler (kiçijik kesikler, sypjyryklar) bermek bilen başlaýar, "özüňe kast et, zyýan ýetir, dostuň bir synasyny kes" ýaly iniňi tisgindiriji gorkunç we tragiki görkezmeleri ýerine ýetirmäge çenli alyp barýar.

## ■ Çagalaryňyz bilen köpräk gyzyklanyň, olara haý-küş etmäge ýaltanmaň! Çagalar biziň ýagty ertämizdir we ýurdumyzyň röwşen gelejegidir

Bu babatda ilkinji iş ene-atalaryň paýyna düşýär. Ene-atalar çagalarynyň telewizora, kompýutere, internete, telefona berýän wagtyny tertibe salmaly. Bu diýildigi, çagalary döwrüň tehnologiýasyndan mahrum etmeli diýildigi däl. Gaýtam, olara wagt bölüp bermeli, emma telewizor, kompýuter, internet, telefon ýaly närseleriň adamyň durmuş şertlerini ýeňilleşdirmäge ýardam berýän serişdelerdigini dogry düşündirmeli, olardan ýerlikli peýdalanmagy öwretmeli. Häzirki döwrüň çagalaryna internet medeniýetini we internetde özüňi nähili alyp barmalydygyny öwretmek hökmany. Çagalar – eger inernet, telefon we ş.m. zatlar ylym-bilim, edebiýat we sungat, söwda üçin peýdalanylanda, onuň berýän peýdasynyň

çäksizdigine, tersine ýaramaz maksatlar üçin ulanylanda zyýandan başga zadyň ýokdugyna, kanuny jogapkärçiliklere, hatda öwezini dolup bolmajak uly ýitgilere hem äkidip biljekdigine düşünmelidirler.
"Blue baby" oýny hasam köp gije ýarymdan soň 02:00-05:00 aralygynda ýiti täsir edýär. Sebäbi "Mawy bäbek" öýde hemmeler uklap ýatyrka, imi-salalygyndan we gijäniň berýän gorkusyndan peýdalanýar. Şonuň üçin ene-atalar çagalarynyň özlerini alyp baryşlaryny ünsden düşürmeseler gowy bolar. Çaga şeýle ýagdaýa düşen wagty, tapgyr-tapgyr berlen buýruklary ýerine ýetirmäge özüni borçly duýýar. Eger muny ýerine ýetirmese, garşysyndaky ol barada bilýän zatlaryny ýaýradaryn diýip gorkuzýar. Sms ýazan kişi çagalary olaryň ene-atasyna zyýan bererin diýip haýbat atýar. Çaga hem beýle ýagdaýlara düşmejek bolup gorkunjyna tapgyrlaýyn oýnuň içine girenini bilmän galýar we geň-taňsy hereketleri edip başlaýar.
Çaga şeýle ýagdaýa uçran wagty gorkýar, muny ene-atasyna aýtmakdanam çekinýär. Şonuň üçin çagalaryňyzy özüňize dost ediniň, olar size hiç bir ýagdaýda garşylaşan zadyny aýtmakdan çekinmesin. Çagalaryňyz haýsy internet programmalaryna galp atlar (nik) bilen girýär, haýsysyna hakyky ady bilen girýär, nirede näme ýazýar, kim bilen näme ýazyşýar… bularyň barsyna esewan ediň. Eger çagaňyza howp salýan bir ýagdaýa duş gelen ýagdaýyňyzda kiber jenaýatlara garşy göreşýän ýörite gulluklara ýüz tutmaga ýaýdanmaň.

Taýýarlan: Guwanç MÄMILIÝEW. Ylym we tehnologiýa